# «PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY» ÝYLY: TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSIÝASY WE DÖWLET BAÝDAGY – KÄMIL HUKUK ULGAMYNYŇ WE TÄZE EÝÝAMYŇ BELENT MAKSATLARYNY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ MIZEMEZ ESASLARY»

**atly ylmy-amaly maslahatyň**

## TEZISLERI

**TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATY**
**TÜRKMENISTANYŇ MEJLISI**
**TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI**
**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
**TÜRKMENISTANYŇ DEMOKRATIK PARTIÝASY**
**WE JEMGYÝETÇILIK GURAMALARY**
**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET, HUKUK**
**WE DEMOKRATIÝA INSTITUTY**

# «PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY» ÝYLY: TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSIÝASY WE DÖWLET BAÝDAGY – KÄMIL HUKUK ULGAMYNYŇ WE TÄZE EÝÝAMYŇ BELENT MAKSATLARYNY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ MIZEMEZ ESASLARY»

**atly ylmy-amaly maslahatyň**

## T E Z I S L E R I

*(2024-nji ýylyň 16-njy maýy)*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2024

**Agakuwwat Allaberdiýew,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary instituty*

# HALKARA PARAHATÇYLYGY WE HOWPSUZLYGY BERKITMEKDE GARAŞSYZ, BITARAP TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SYÝASY BAŞLANGYÇLARYNYŇ ÄHMIÝETI

Bitarap Türkmenistan halkara gatnaşyklarynyň gerimini dürli ulgamlar boýunça yzygiderli ösdürýär, ykdysady, syýasy-diplomatik, hukuk, medeni-ynsanperwer we beýleki wajyp ulgamlarda hyzmatdaşlyk etmek dünýä döwletleri we iri halkara guramalary bilen gatnaşyklaryň esasyny düzýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly subýekti bolup, daşary syýasatda hemişelik Bitaraplyk, beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk, güýç ulanmakdan we harby bileleşiklere hem birleşmelere gatnaşmakdan ýüz döndermek, sebitiň ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmegine ýardam etmek ýörelgelerine eýerýär.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine girişmek dabarasynda eden taryhy çykyşynda: «Biziň döwletimiziň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan esasy ýörelgeler, anyk aýdylanda bolsa Ýer ýüzünde parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmek, hoşniýetli, dost-doganlyk gatnaşyklaryny giňeltmek, durnukly ösüşi üpjün etmek geljekde hem Garaşsyz Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary bolar» diýip aýratyn nygtap geçdi. Munuň özi Gahryman Arkadagymyz tarapyndan soňky ýyllaryň dowamynda üstünlikli durmuşa geçirilen, hoşniýetli goňşuçylyga, özara hormatlamaga we deňhukuklylyga, dünýäniň ähli ýurtlary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmaga esaslanan Bitaraplyk syýasatynyň mynasyp dowam etdiriljekdigini alamatlandyr-

mak bilen, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň dünýä derejesindäki abraýynyň barha ýokary göterilmegini we wajyp wezipeleri çözmekde ornunyň has-da pugtalanmagyny şertlendirýär.

Parahatçylyk söýüjilik, ynanyşmak, gatnaşyklara açyklyk Türkmenistanyň daşary syýasatynyň binýadyna – hemişelik Bitaraplygyna mahsus ýagdaýdyr. Türkmen Bitaraplygy netijeli halkara hyzmatdaşlygyň, bar bolan meseleleri we gapma-garşylyklary parahatçylykly, syýasy-diplomatik serişdeler arkaly, gepleşikler stolunyň başynda kadalaşdyrmaga we çözmäge oňyn täsir etmegiň şertidir. Döwletimiziň Bitaraplygy ählumumy ösüşiň we öňegidişligiň, BMG-niň maksatnamalaýyn wezipelerini ýerine ýetirmegiň maksadynda amala aşyrylýar. Döwletleriň arasynda parahatçylyk we ynanyşmak medeniýetiniň ösdürilmegi durnukly ösüşe, parahatçylyga we howpsuzlyga ýardam berýän Bitaraplyk syýasaty bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Şunuň bilen baglylykda, Garaşsyz Türkmenistan tarapyndan halkara hyzmatdaşlygyny dürli ugurlaryna degişli parasatly teklipler we başlangyçlar çykyş edýär, olar dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan giňden ykrar edilýär we goldanylýar.

BMG-niň Baş Assambleýasynda «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek hakyndaky teklibiniň biragyzdan goldanmagy, şeýle hem 86 döwletiň bu karara awtordaş hökmünde çykyş etmegi Türkmenistanyň halkara hukugynyň esasy ýörelgelerini we maksatlaryny, ilkinji nobatda bolsa jedelleri parahatçylyk ýollar hem-de usullar bilen çözmek baradaky borçnamalary görkezýär.